# ÖLDÜÑ – ÖÇDÜÑ, GELDIÑ – GEÇDIÑ!

*Diktatoryñ ölüminiñ bir ýyllygyna*

Bir ýyl uzak möhlet däl, ol tiz geçýär. Soñky bir ýyl hem tiz geçdi. Saparmyrat Nyýazovyñ öleni düýn ýalydy, emma, ynha, oña eýýäm bir ýyl dolupdyr. Ýagşy adam ötse, onuñ ýyly bellenilende, adamlar ýas tutýarlar. 2007 ýylyñ 21-nji dekabrynda Türkmenistanda halk ýas tutmady. Muny Halkara habar beriş serişdeleri kanagatlanmak bilen ýazdylar. Türkmen halky bu günler ýas tutanok-da, eýse bu waka bilen gabat gelen Gurbanlygy toýlaýar. Türkmenistanyñ oba-şäherlerinde şatlyk, begenç höküm sürýär, adamlar birek-birege duz-çörek hödür edýärler, degişýärler, gülüşýärler, ýaş-ýeleñler bolsa hiññillik uçup, göwün açýarlar. Toý – toý bolýar-da, nämäni geñ görjek…

Halkara arenasynda özüni iñ erbet, ganhor diktatorlaryñ biri hökmünde tanadan Saparmyrat Nyýazov ölenden soñ Türkmenistanda käbir üýtgeşiklikler bolup geçdi. Meselem, orta mekdeplerde gaýtadan 10 ýyllyk, ýokary okuw jaýlarynda-da degişlilikde 5 we 6 ýyllyk okuw programmalaryna dolanyldy. Welaýat merkezlerinde, etraplarda syrkawhanalar gaýtadan işe başlady, welaýatlaryñ arasyndaky polis postlary aýryldy. Paýtagtda we welaýat merkezlerinde az sanly internet-kafeler açyldy, garrylaryñ bir bölegine olaryñ adalatsyzlyk bilen ellerinden alnan pensiýalary gaýtarylyp berildi, başgaça pikirlenýänleriñ ýanalmagy az-owlak kemeldi. Garaz, azajygam bolsa, üýtgeşiklik bar.

Ýöne halkyñ başyndan entek gara gün sowlanok. Hukuk goraýjy guramalaryñ eden-etdiligi dowam edýär, adamlar işsizlikden kösenýärler. Garyplykda ýaşaýan adamlaryñ sany ilatyñ uly bölegini düzýär. Neşekeşlik, beýleki ýaramazlyklar azalanok. Emma şonda-da Türkmenistanyñ öz ilatynda-da, Halkara arenasynda-da häzirlikçe täze president Gurbanguly Berdimuhammedov dogry ýoldan ýörär, özünden öñki diktatoryñ ýalñyşlyklaryny gaýtalamaz diýen umyt bar. Şonuñ üçinem ony Europada, Amerikada kabul etdiler. Saparmyrat Nyýazova-da, elbetde, ilki başda şeýle ynam bildirilipdi. Emma ol bu hezzeti ödemedi. Halkara arenasynda ýagşylardan däl-de, ýamanlardan görelde aldy. Ters ýola düşdi.

Şeýdibem ol ýakasy gaýyşly diktatora öwrülip, ganhor, gedem, egoist adyny aldy. Taryhda iñ erbet, dikdüşdi diýlip hasap edilýän diktatorlaryñ arasyna goşuldy. Ýaramaz ykbal...

Ýurtda 15 ýyllap eden-etdilik bilen höküm süren diktator ölensoñ Türkmenistanda soñky bir ýylyñ içinde käbir üýtgeşiklikler bolup geçdi. Elbetde, entek begenip, telpegiñi göge zyñardan ir, bu täzeliklere diñe gowşaklyk diýip at berip boljak, entek bu özgerişem däl, ozalky ýaramaz syýasatdan ýüz öwürmegem, täzelenmegem. Bu agzalan ownuk täzelikleri Demokratik özgerişler diýib-ä asylam atlandyryp boljak däl. Çünki internet-kafeler diñe göz üçin açylan, orta mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda okuwyñ hili asla üýtgänok, parahorluk öñküdenem beterleşdi. Metbugatyñ işi-de entek öwerden gaty pes, radio we telegepleşikleriñ arasynda höwes bilen görer ýalysy ýok. Bu barada Gurbanguly Berdimuhammedovyñ özi-de şu ýylyñ dowamynda eýýäm üç gezek ýörite aýdyp geçdi.

Emma, meniñ pikirimçe, her halda soñky bir ýylda 15 ýyllap gapysy ýapyk duran, şonuñ üçinem içinde dürli awuly, ýürekbulanç, hatda gorkunç jandarlaryñ dörän we köpelen garañky tamynyñ gapysy çalaja açylyp, onuñ içine gündiziñ ýagtysy düsdi… Şol yşyk hem uzak wagtyñ dowamynda petiklengi duran tamda dörän näbelli mör-möjekleri howsala salýar. Ozal türkmende görülmedik bu gorkuly, awuly mör-möjekler elesreşip, indi ýagty düşen jaýyñ burçlaryndan özlerine ýer gözleýärler, diri galmak isleýärler, ýok bolup gitmezlik üçin tizräk

ýagtylyga öwrenişip, tüýlerini, tüýslerini üýtgetmek üçin jan edýärler. Olaryñ has erbetleri gapyny açan adamynyñ arkasyna bukulmak, başarsalar ony garañka çekmek isleýärler…

Ol awuly mör-möjekleriñ howandarynyñ ölenine bu gün dogry bir ýyl… Ýöne bu sene bilen baglanyşykly adamlaryñ ýüzünde aýratyn gynanç ýok. Türkmenistanyñ oba-şäherlerinde diktatoryñ ýasy tutulanok-da, eýse Gurbanlyk baýram edilýär. Bu, elbetde, türkmen topragynda ebedi ýaşaýyşyñ ýene-de wagtlaýyn sütemkärden üstün çykanlygyny añladýar. Çingiz han ölende-de, türkmenler, meger, şeýdip toý tutandyrlar…

Hiç bir diktator halky ebedilik dyza çökerip bilmez. Halk göreşip ýeñip bilmedigini dymyp ýeñýändir. Ýöne hökman ýeñýändir. Gynançly ýeri, dymma söweşde-de ýitgiler açyk söweşdäkiden az bolmaýar. Käte has artygam bolup bilýär. Türkmen halky-da uzaga çeken dymma söweşde örän agyr ýitgileri çekdi: ýurt syýasy, ykdysady, sosial, medeni taýdan onlarça ýyl yza gaýtdy. Başarjañ, ýokary hünärli adamlaryñ agramly bölegi dogduk topragy terk edip gitmäge mejbur boldular. Ol ýitgileri sanamak örän gaýgyly, goý, olary her kesiñ özi ýatlasyn.

Türkmeniñ başyna taryhda iñ agyr zulumy salan adamynyñ ölümi halkda geljege uly umyt döretdi. Diktator bolsa, elbetde, basym ýatdan çykar: öldüñ – öçdüñ, geldiñ – geçdiñ! Bu dünýäde diñe ýagşy adamlar, ýagşy işler baky galýar.

*Ak Welsapar, ýazyjy*